# Gitmeli

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gitmeli GITMELI

Atyň ýeke çapmagyn,
Köplükden daş gaçmagyn.
Gereklese gatanjyň
Gatmalydyr, gatmaly.

Dogryňa ýa hataňa,
Nyrh keserler bahaňa.
Edim-goýmuň ataňa
Ýakmalydyr, ýakmaly.

Abraýdan gaçar ýalta,
Goşul, garyşgyn halka.
Oňlansaň, özüň orta
Atmalydyr, atmaly.

Dostuň, duşmanyň tana,
Agnap ýörme her ýana.
Ýaryşsaň pellehana
Ýetmelidir, ýetmeli.

Söýgä gujak gerlen soň,
Ornuň berme ýerlän soň.
Bir zat wada berlen soň
Bitmelidir, bitmeli.

Gowga duşsa är başyň,
Ag:yň görmesin daşyň.
Ajysynam durmuşyň
Datmalydyr, datmaly.

Bilýän bolsaň-da, ir-giç,
Köpbilmişlik etme hiç.
Gaýtam özgäni bilgiç

Öýtmelidir, öýtmeli.

Anyk bolmasa ilki,
Aýtmagyn, bolma gülki.
Aýtjagyň bilip, belki,
Aýtmalydyr aýtmaly.

Ölçe ädimiň, äden,
Halalla nanyň, gäden.
Geldimyrat, dünýäden
Gitmelidir, gitmeli.

2004 ý. Goşgular